# Etmişe iteklemek / satiriki hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Satiriki hekaýalar
написано kitapcy | 23 января, 2025
Etmişe iteklemek / satiriki hekaýa ETMIŞE ITEKLEMEK

- **«Eliñizi wyždanyñyza, özüñizi meniñ ýerime goýuñ»**

Hormatly kazy jenaplary! Günäkärdigimi ýa-da däldigimi bilmegiñiz üçin wakany bolşy-bolşy ýaly dykgatyñyza ýetirmegim gerek. Men görgüli altmyş sekiz ýaşymda, çagaly-çugaly adam. Giýewlerim, gelinlerim, agtyklarym bar. Heý, bu ýaşdaky adam ýolda duşan her öñýeten aýala lak atarmy? Ýöne, men bu aýallara lak atandygymy boýnuma alýaryn. Özem gündiziñ günortany Beýogly köçesiniñ ugrunda ýöräp barýan bu iki hanyma lak atdym.
Eliñizi wyždanyñyza, özüñizi meniñ ýerime goýup görüñ. Size, ähli bolan zady bolşy-bolşy aýdyp bereýin. Siz meniñ ýerimde bolsañyz näme ederdiñiz?
Bu Fakyrhana Kanlyjada bolan zat. Men indi gojalşamsoñ, iş-güýçden galdym. Pensiýa çykanyma esli ýyl boldy. Wagtal-wagtal Stambula gelip-gidäýmäm bar. Şu gün irden 8:30-da ýolagçy daşaýan gämä mündüm. Howa petiş bolansoñ, gäminiñ aşakky gatyna düşdüm. Dik garşymda iki zenan otyrdy. Ilkibaşda olaryñ sypaty o diýen ünsümi çekibem durmady. Ýöne, saryýagyz aýal uly ses bilen:
– Waý, howanyñ dymykdygyny! – diýip, ýakasynyñ iliklerini ýazdyryp, Aý ýaly göwsüni ýaldyradyp açdy welin, gözümi ondan aýryp bilmedim. Hormatly başlyk aga! Ynsabyñyza ýüzlenmäge rugsat ediñ. Siz meniñ ýerimde bolsañyz seretmän oturardyñyzmy?
Munuñam üstesine onuñ ýanyndaky sadap tenli aýal:
– Waý, menem bişdim-le – diýip, hem-ä gülýakasyny aýryp göwsüni ýalañaçlady, hemem žemperini çykaryp, ýarym-ýalañaç ýagdaýda oturyberdi. Bulam az bolýan ýaly, meniñ ýokarymdaky

odur-budur goýulýan tekjä sumkasyny goýanda, merhemetiñize sygynyp aýdýaryn: açykdan-açyk akjaryp duran goltugynyñ hoşboý ysy burnuma urdy. Maýyl ediji hoştap ysdan ýaña serhoş bolan ýaly boldum. Hormatly, başlyk ependi, özüñiz meniñ ýerimde bolsañyz nähili hereket ederdiñiz?
Bu gezek saryýagyz aýal:
– Podwýazkalarym gysyp öldürdi-le – diýip, çaltlyk bilen ýubkasynyñ çermegini doly aşak etdi-de, çulkisini sypyrdy. Äýnegimiñ aşagyndan höwes edijilik bilen olara tomaşa eýlemegi dowam etdirdim.
Hormatly başlyk ependi, özüñizi men görgüliniñ ýerine goýup görüñ. Siz bolsañyz näme etjegiñizi bilemok, men pahyr ýene ümsümje öz oturan ýerimden gymşaman tomaşa ediberdim.
Bu gezek süýt ýaly ak tenli aýal çulkisiniñ baldyrlaryny gysýar bahanasy bilen, baýramçylykda baýdak parladýan kapitanlara meñzäp, reñbe-reñ ýüpekden edilen seçekli içki eşiklerini ýokaryk galdyrdy-da, çulkisini sypyrdy.
Ondan soñ iki jora birsyhly gorsanyp ýadandyklaryndanmy näme, eginlerindäki ähli şakyr-şukurlary çykardylar. Bu edýän zatlarynam maña az görýän ýaly, saryýagyz aýal:
– Gäminiñ ters tarapynda oturypdyrys, başymyz aýlanýar! – diýdi-de, iki sany apat melek meniñ oturan tarapyma, biri sagyma, biri çepime geçdi. Gämi borram-boş ýagdaýda duranam bolsa, başga ýer gapyşan ýaly, men pahyry orta alyp myçgalamaga başladylar.
Ýigrimi ýyllap uklap, gatap giden damarlarymda ot çabrap, ganym ikiýana jöwlan atyp başlady. Hormatlymyzyñ özi bolsa nähili hereket ederdikä?
Iki joranyñ ikisem ýere bir zat gaçyran bolup, onam almak bahanasy bilen egilip, ýumşajyk tenleriniñ heniz maña görünmän galan ýerlerini güjeñleýärdiler. Hatda gaýmakpisint hanym ýere gaçyran žurnalyny galdyrandan soñ, öz ýerinde oturýan ýaly edip, ýalñyşansyran boldu-da, gujagymda oturdy we şol oturşyna birsellem meýmiräp gidiberdi.
Biraz wagt geçensoñ olar özara gürrüñe başladylar:
– Uly erkekler meniñ göwnüme hasam ýaraýar.
– Menem şeýle. Aýala diñe ýaşy ulalşan erkekler gowy düşünýär…

– Käbir erkekler dilini ýuwdan pişik ýaly geplemelidirem öýdenok. Aýu-u-uww, adam diýeniň iki agyz gep eder…
Birnäçe gezek geplemäge synanşanam bolsam, dilim tutuldy, agzymdan ýeke keleme söz çykmady. Bu sapar ak tenli mylaýym jenan şeýle diýen boldy:
– Häzirem geplänok… Dünýäde sylanşyk, terbiýe diýen zat galmandyr. Biz adam iýemzog-a…
Olar göz-görtele men pahyry masgaralap otyrdylar. Onýança Köprä-de geldik. Gämiden düşensoň, yzlaryna öwrülip, men pahyra näz edip, bir nazar aýladylar welin, şol pursatda ýyldyrym uran ýaly boldum.
Merhemetiňize sygynýaryn, hormatly başlyk aga… Meniň ýerimde bolsaňyz nähili hereket ederdiňiz? Meniň gidip barýan ugrum şol iki aýalyň barýan ugry bilen ugurdaş bolup çykdy. Şol barşymyza Beýogly köçesine çykdyk. Men şonda-da edepsizlik etmejek bolup, dil ýarman gelýärdim.
Olar öňde, men pahyr yzda gidip barýarys. Gaňrylyp-gaňrylyp yza bakyp, perişdepisint gülümsiremeleri ve çagyryjy näz-kereşmeleri bilen men pahyry perişan hala salýardylar. Saryýagyz aýal:
– Bu erkek ependi, biziň bilen öýüň içinde gürleşäýjek öýdýän – diýdi.
Edebimi saklap, ýene-de ýeke keleme söz aýtmajak boldum. Ýöne olar dikgirdäp, serçe deýin jikirdeşip bir barýardylar welin, bu mytdyldap barşyma olaryň yzlaryndan garanjaklap gitmek maňa juda kyn düşýärdi. Durkum bilen dert-azara goýdular. Men mundan artyk çydap bilmejegimi duýdum. Ýüregagyrymyň barlygyny bildirmek üçin aralaryna girip:
– Merhemediňize sygynýaryn, hormatly hanymlar, her niçik garry bolsamam mende-de ýürek bar, menem Hudaýyň bendesi, ynsap ediň, beýtmäň! – diýdim.
Çuňňur hormatlanýan başlyk ependi! İne, gyzyl kyýamat şol wagt turdy. Ýaňky başymy-gözümi aýlap, meni tükenmez derde goýan iki jora birden köçäniň ortasynda sesleriniň ýetdiginden gygyrmaga başladylar:
– Kömek edi-i-i-ň! Polisi-i-ya-a-aa! Garry makaç ýaşyndan utanman bize lak atýar!!..

Ol iki aýal sumkalaryndan jürlewük çykaryp jürletmäge durdular. Polisiýa hem öňden taýýarja duran bolsa näme. Dessine gelip men pahyry güpbasdy etdiler. Hormatly başlyk ependi. Ynha, bolup geçen waka şundan ybarat. Eger bir etmiş eden bolsam, onda bu aýallar meni şol etmişe iteklemekde meniň bilen deň derejede günäkärdirler.
Soň görüp otursam, bu iki jora polisiýanyň özüne işleýän kemçinler bolup çykdy. Köçelerde gelin-gyzlara süýkenip ýören heleýbazlary gözleýärlermiş. Şol gün ýaglyja iş tapmansoňlar, eli boş gaýtmajak bolup men pahyryň başyny-gözüni aýlapdyrlar.
Wyždanyňyza ýüzlenmäge rugsat ediň: Özüňiz meniň ýerimde bolsaňyz näme ederdiňiz?

Eziz NESIN,
türk ýazyjysy.

Terjime eden: © Has TÜRKMEN. Satiriki hekaýalar